# Marko Polonyñ ýazgysy ~ Dünýäniñ ýagşy ýazgydy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Marko Polonyñ ýazgysy ~ Dünýäniñ ýagşy ýazgydy

MARKO POLONYÑ ÝAZGYSY ~ DÜNÝÄNIÑ ÝAGŞY ÝAZGYDY

Marko Polo kerwen ýola ser çekip,
Ýewropañ ädimin Aziýa sary.
Alyp gitdi mähir güllerin ekip,
Dünýäñ ilki ýaradylan ýerine ~
Şoldur dünýäñ ilkibaşky didary.

Ýazgysy ýazgydyn açdy dünýäniñ,
Beýik Ýüpek ýoluñ menzili bilen.
Öñ ýazgysyn okan kalby päk ynsan,
Ýaşaýşyñ nurana meñzini biler.

Marko Polo uzak ýola ser çekip,
Baryp ýetdi ýüregne Çyn-Maçynyñ.
Ol öz paýhasyna güýjün siñdirdi,
Ýerde ~ şiriñ, gökde ~ algyr laçynyñ.

Türkmen sährasyny,
Türkmen durmuşyn,
Dana merdem pederleriñ ruhuny
Dünýäñ ykbaly deý ýaýdy jahana,
Belent tutup ynsanlygyñ tuguny.

Hemem külli adamzadyñ ahyny,
Öwürmäge baky şatlyga, bagta.
Bu dünýäniñ ýöräp Ýüpek ýolundan,
Ýetmekligi üçin ýüpek deý bagta.

Arzuwa,
Umyda,

Ynama dolap,
Bagş etdi ýazgyda oňat ýazgydy.
Bu miras ýazgylar ~ gadym türkmeniň
Dünýä üçin ilkibaşky çözgüdi.

Marko Polo.
Kitap!
1298 ý.
Ýugrimi birinji bölümde, ine,
Türkmenleriň gyr atlary, halysy,
Geňlik bolup siňýär dünýäň ýüregne.

Türkmen kämilligi ýazgydan çykyp,
Meşhur haly bolup, doldy Ýewropa.
Ýer ýüzüne türkmen ýazgydyn çekip,
Dünýäň ýazgydyna eýledi şypa.

Beýik Ýüpek ýoly ädimläp geçip,
Bu ýazgylar aýtdy görenlerini.
Marko Polo äşgär etdi giň dünýä
Türkmen ýüreginiň gözelligini.

Goşgular